# «Gül bolup açylmasaň-da her günde…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Gül bolup açylmasaň-da her günde…" «GÜL BOLUP AÇYLMASAÑ-DA HER GÜNDE…»

Gül bolup açylmasaň-da her günde
Meniň üçin sen mydama gül ýalak
Güle meňzetsemem, sorag göwünde
Çigildemmiň, ýa-da ajap gülälek?

Gyzyl bägülsiň, belki-de jümjüme
Haýsysyn saýlasaň saýlabermeli
Her gözleň ýüz akyldara terjime,
Älemi zabt edip, aýlabermeli

Baha berjek, meňzetjegem tapylar
Emma,
Haýran men, entek iç görküňe
Göreçleňde yşgyň ody ýakylar,
Ýylgyrşyňam berilenok her kime

Güle meňzetsem, güllerem çekinsin,
Gül pisintli, aý ýalkymly keşbiňden
Geljegiňe bagtyň ýoly çekilsin,
Sarpasy beýik, mugallym kesbiňden

Ylham GURBANALYÝEW.

2021. Goşgular